***Özbegistanyň halk şahyry Mahmud Toiriň «Sallançakdan gözbaş alýar özbek-türkmen dostlugy» diýen setir bilen başlanýan şygry tüýs ýerine düşüpdir diýdirýär. Bu sözleriň hakykatdygy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň 16-17-nji noýabrynda Özbegistana amala aşyran döwlet saparynyň barşynda ýene bir gezek aýdyň ýüze çykdy.***

Hawa, Merkezi Aziýanyň ýüreginde, Amyderýanyň we Syrderýanyň aralygynda ýerleşen, gadymyýetde Beýik Ýüpek ýolunyň dynuwsyz kerwenlerini goýnundan geçiren Özbegistan biziň ýurdumyzyň hoşniýetli goňşusy, ýakyn dosty, ygtybarly hyzmatdaşydyr. Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklar 1993-nji ýylyň 7-nji fewralynda ýola goýuldy. Şondan bäri hem ikitaraplaýyn bähbitli gatnaşyklar has ýygjamlaşyp, dostlukly gatnaşyklar giňeldilýär. Geçen ýyllarda Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleriniň ýokary derejeli döwlet, resmi hem-de iş saparlarynyň ençemesi amala aşyryldy.

Şu gezekki döwlet saparynyň barşynda Daşkentdäki «Kuksaroý» köşgünde döwlet Baştutanymyzyň Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşmagy döwletara gatnaşyklarda täze sahypany açdy. Gepleşikler tamamlanandan soň, dürli ugurlara degişli möhüm resminamalaryň uly toplumyna gol çekildi we alşyldy. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Strategik we sebitara barlaglar institutynyň arasynda türkmen-özbek bilermenler geňeşini döretmek hakynda Ähtnamanyň bolmagy türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň köpugurly mümkinçilikleriniň aýdyň beýany boldy. Mundan başga-da, iki ýurduň sebitleriniň arasyndaky gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmegiň täze gözýetimlerini açmaga itergi berjek resminamalar hem aýratyn bellärliklidir.

Daşkentde ýokary derejeli türkmen-özbek gepleşikleri tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Özbegistanyň ýokary döwlet sylagy — «Ýokary derejeli dostluk» (Oliý Darajali Dustlik) ordeni bilen sylaglamak dabarasy boldy. Döwlet saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew sanly ulgam arkaly Türkmen-özbek serhetýaka söwda merkeziniň açylyş dabarasyna gatnaşdylar. Daşoguz welaýatynyň Şabat etrabynyň Gülüstan geňeşliginiň çäginde hormatly Prezidentimiziň Karary esasynda gurlan türkmen-özbek serhetýaka söwda merkeziniň ulanmaga berilmegi şanly ýylymyzyň möhüm wakalarynyň biri boldy.

**Güljan ORAZNEPESOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026

**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň V ýyl talyby.**

Все права защищены